**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.**

# Biznes reklama

Hepdelik gazet | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar | Möçberi 16 sahypa | ★★★★★ | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi | 09.01.2023 | Duşenbe | №02 (1257)



# Hormatly Prezidentimiz Hytaý Halk Respublikasynda döwlet saparynda boldy

6-njy ýanwarda Pekinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň arasynda gepleşikler geçirildi. Mälim bolşy ýaly, döwlet Baştutanymyz 5-nji ýanwarda döwlet sapary bilen HHR-e geldi.

Iki dostlukly ýurduň Baştutanlarynyň birek-birege hormat goýmak we netijelilik esasyndaky duşuşygy giň halkara seslenmä eýe bolup, Hytaýyň abraýly teleýaýlymlarynyň, metbugat we elektron neşirleriniň täzelikleriniň esasy mowzuklarynyň birine öwrüldi. Türkmenistanyň Hökümet wekiliýetiniň sapary günlerinde Hytaýyň «Ženmin Žibao» atly merkezi gazeti hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Strategik hyzmatdaşlygyň ygtybarly binýady» atly makalasyny çap etdi. Makalada nygtalyşy ýaly, şeýle abraýly hem-de hormatly neşiriň millionlarça okyjylaryna ýüzlenmek mümkinçiligi örän möhüm ähmiýete eýe bolup, munuň özi iki ýurduň arasyndaky özara düşünişmegiň, türkmen-hytaý dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň has-da pugtalandyrylmagyna ýardam berer.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we HHR-iň Başlygy Si Szinpiniň ilkinji resmi gepleşikleri Aziýa sebitiniň ýurtlary bilen hemmetaraplaýyn gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegini nazara almak bilen, ägirt uly ähmiýete eýedir. Bu sebitiň döwletleri bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugry bolupdy we şeýle bolmagynda-da galýar. Ýurdumyz geçen ýyllaryň dowamynda ählumumy bähbitlere, netijeli halkara hyzmatdaşlyk ýoluna üstünlikli eýerip gelýär. Hut şu öňdengörüjilikli «Açyk gapylar» syýasaty ykdysady ösüşiň ýokary depgininiň üpjün edilmegi hem-de ýurdumyzyň dünýäniň iň gowy tejribesini, innowasion tehnologiýalaryny çekmäge çalyşýandygy bilen baglylykda, daşary ýurtly, şol sanda hytaýly hyzmatdaşlaryň netijeli gatnaşyklara gyzyklanmasynyň barha artmagyny şertlendirýär. Olar bilen hyzmatdaşlykda giň gerimli taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Türkmenistan — Hytaý transmilli gaz geçirijisi munuň aýdyň mysalydyr. Bu gaz geçiriji Gündogar bilen Günbatary baglanyşdyrýan esasy söwda ýoly bolup hyzmat eden Beýik Ýüpek ýolunyň häzirki döwürde täze galkynyşa eýe bolandygyny alamatlandyrýar. Bir söz bilen aýdylanda, biziň ýurtlarymyz köpasyrlyk dostluk däplerine daýanyp, sazlaşykly gatnaşyklary ýola goýýarlar. Häzirki wagtda şol gatnaşyklar netijeli döwletara hyzmatdaşlygyň nusgasy bolup hyzmat edýär.

...Günüň birinji ýarymynda Pekiniň merkezi meýdançasy bolan Týananmen meýdançasynda ýerleşýän Hytaýyň Halk ýygnaklar öýünde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy resmi taýdan garşylamak dabarasy boldy. Döwlet Baştutanymyz awtoulagdan düşende, top atyldy.

Hytaýyň Halk ýygnaklar öýüniň eýwanynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin mähirli garşylady. Iki döwletiň Baştutanlary dostlarça salamlaşdylar.

Iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasyndan soňra, hormatly Prezidentimiz we HHR-iň Başlygy resmi wekiliýetleriň agzalary bilen tanyşdylar. Soňra Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet senalary ýaňlandy. Hormat garawulynyň serkerdesi dabaraly ýagdaýda hasabat berdi.

Soňra iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde duşuşyk geçirildi.

HHR-iň Başlygy Si Szinpin we Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow söz sözledi.

Gepleşikleriň barşynda iki ýurduň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ýyl-ýyldan barha ösýändigi kanagatlanma bilen bellenildi. Bu hyzmatdaşlyk durnukly, okgunly häsiýete eýedir hem-de deňhukuklylyk, özara bähbitlilik ýörelgelerine daýanýar. Ýangyç-energetika ulgamy Türkmenistan bilen HHR-iň hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugrudyr. Biziň döwletlerimiz bu ugurda ägirt uly kuwwata eýedir diýip, döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow belledi.

Netijeli syýasy dialog, söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk bilen bir hatarda, türkmen-hytaý gatnaşyklarynda bilim, medeniýet, ylym, sport, saglygy goraýyş meseleleri hem möhüm orun eýeleýär diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi we hytaýly hyzmatdaşlarymyzyň biziň ýaşlarymyzy okuwa kabul etmäge taýýardyklaryna ýokary baha berilýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda hytaý diliniň öwrenilmegine uly üns berilýändigi nygtaldy. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda we beýleki ýokary okuw mekdeplerinde hytaý dili okadylýar.

Sözüniň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaý Liderine Türkmenistan bilen strategik hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine goşýan ägirt uly şahsy goşandy, ýurdumyz bilen gatnaşyklara berýän hemişelik ünsi üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpini islendik amatly wagtda döwlet sapary bilen Türkmenistana gelmäge çagyrdy. Çakylyk hoşallyk bilen kabul edildi. Saparyň möhletleri diplomatik ýollar arkaly ylalaşylar.

Soňra duşuşyk çäkli düzümde dowam etdi. Işjeň, netijeli ýagdaýda geçen gepleşikleriň dowamynda ählumumy ykdysadyýetiň häzirki ýagdaýyny hem-de iki ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny nazara almak bilen, türkmen-hytaý hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň häzirki ýagdaýy we geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy. Döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de guramaga esasy çemeleşmeler beýan edildi. Özara ynanyşmak, deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak şol gatnaşyklaryň esasy ýörelgeleri bolup durýar. Dürli derejelerde işjeň gatnaşyklary dowam etdirmegiň hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň, beýleki abraýly halkara guramalaryň, sebit düzümleriniň çäklerinde özara goldaw bermegiň wajypdygy nygtaldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin geçirilen gepleşikleriň netijelerine kanagatlanma bildirip, taraplaryň iki dostlukly döwletiň we olaryň doganlyk halklarynyň bähbitlerine giň gerimli strategik hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge çalyşýandyklaryny tassykladylar hem-de şu gezekki ýokary derejedäki duşuşygyň netijeleriniň şol maksatlara ýetmäge ýardam etjekdigine ynam bildirdiler.

Soňra ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Bu ýere ýygnananlaryň dowamly el çarpyşmalary astynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we HHR-iň Başlygy Si Szinpin Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň Bilelikdäki Beýannamasyna gol çekdiler.

Duşuşygyň resmi bölegi tamamlanandan soňra, Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin Türkmenistanyň Prezidentiniň hormatyna resmi günortanlyk naharyny berdi.

Günortanlyk naharyndan soň, iki döwletiň Baştutanlary mähirli hoşlaşyp, şu gün gazanylan möhüm ylalaşyklaryň türkmen we hytaý halklarynyň arasyndaky däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de üstünlikli ösdürilmegine ýardam etjekdigine berk ynam bildirdiler.

Şol gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýene-de Hytaýyň Halk ýygnaklar öýüne bardy we şol ýerde Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň Premýeri Li Kesýan hem-de HHR-iň Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagynyň hemişelik komitetiniň Başlygy Li Čžanşu bilen duşuşyklary geçirdi.

Saparyň çäklerinde ýurdumyzyň Hökümet wekiliýetiniň agzalary Hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara komitetiň hytaý böleginiň agzalary bilen gepleşikleri geçirdiler.

Şeýle-de şol gün ýurdumyzyň resmi wekiliýetiniň agzalary Hytaýyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan türkmen talyplary bilen duşuşdylar.

Günüň ikinji ýarymynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň awtoulag kerweni Hytaýyň Milli muzeýine tarap ugrady. Bu ýerde döwlet Baştutanymyz Hytaý halkynyň baý sungatyny we geçmiş taryhyny aýawly saklamak, wagyz etmek maksady bilen döredilen dünýädäki iri muzeýiň täsin gymmatlyklaryny synlady.

Muzeý gymmatlyklary bilen tanyşlykdan soňra, döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň wekilleri bilen mähirli hoşlaşyp, Pekiniň «Şoudu» Halkara howa menziline geldi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasyna döwlet saparyny tamamlap, Watanymyza ugrady.

Birnäçe sagat dowam eden uçuşy amala aşyryp, döwlet Baştutanymyzyň uçary paýtagtymyzyň Halkara howa menziline gondy. Bu ýerde hormatly Prezidentimizi resmi adamlar garşyladylar.

Bu ýerde HHR-iň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Sýan Naýçen hormatly Prezidentimizi saparyň üstünlikli tamamlanmagy hem-de onuň çäklerinde geçirilen gepleşikleriň örän netijeli bolmagy bilen gutlap, gazanylan ylalaşyklaryň däp bolan türkmen-hytaý hyzmatdaşlygyny ösüşiň täze derejesine çykarmaga ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

**TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlanyldy.**

Şu sanymyzda

**3-nji sahypada:** **Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly** Uly ynam bilen röwşen geljege tarap

**4-5-nji sahypalarda:** **Publisistika** Ýyladyşhana – ýaşyl öý

**13-nji sahypada:** **Üstünligiň taglymaty** Nädip ynjalyksyzlygy bes etmeli we ýaşap başlamaly

**15-nji sahypada:** **Jemgyýetçilik hyzmatlary** Toýlar toýa ulaşsyn!

**Serdar BERDIMUHAMEDOW,**
**Türkmenistanyň Prezidenti.**

# Strategik hyzmatdaşlygyň ygtybarly binýady

Ozaly bilen, Hytaý Halk Respublikasyna döwlet saparymyň öň ýanynda öz sahypalarynda çykyş etmäge teklibi üçin «Ženmin Žibao» gazetiniň ýolbaşçylaryna minnetdarlyk bildirmek isleýärin. Şeýle abraýly hem-de hormatly neşiriň millionlarça okyjylaryna ýüzlenmek mümkinçiligi örän möhüm ähmiýete eýe bolup, munuň özi iki ýurduň arasyndaky özara düşünişmegiň, türkmen-hytaý dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň has-da pugtalandyrylmagyna ýardam berer.

Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky gatnaşyklar köpýyllyk taryha uzaýar. Şol döwrüň dowamynda biziň halklarymyzyň arasynda birek-birege goldaw bermek, medeniýetlerimiziň, däp-dessurlarymyzyň, dünýägaraýyşlarymyzyň özara ýakynlaşmagy bolup geçdi. Biziň ýurtlarymyzy birleşdirýän Beýik Ýüpek ýoly özara bähbitli söwda dolanyşygy bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ösüş gatnaşyklarynyň özboluşly köprüsine öwrüldi. Şunda biziň gatnaşyklarymyzyň taryhyna häzirki döwrüň nukdaýnazaryndan garamak bilen, ol iki ýurduň halklarynyň ykbalynda ägirt uly oňyn tejribe boldy diýip hasaplaýaryn. Şol ýörelgeleriň mirasdüşerleri hem-de olary mynasyp dowam etdirijiler hökmünde biz gatnaşyklarymyzyň dowamatlylygyny, ösüşini, özara baýlaşdyrylmagyny üpjün edýäris.

Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky häzirki gatnaşyklar giň gerimli hem-de köpugurlydyr. Ol esasy ulgamlaryň ählisini — syýasat, ykdysadyýet, söwda, medeniýet, ylym we bilim ulgamlaryny öz içine alýar. Netijeli işlenip taýýarlanylan hökümetara hyzmatdaşlygyň gurallary hereket edýär. Ikitaraplaýyn hukuk binýadynyň toplumy döredildi, parlament we partiýa ugurlary boýunça, telekeçilik düzümleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň, medeniýet we ylym işgärleriniň arasynda gatnaşyklar üstünlikli alnyp barylýar. Iki döwletiň we halkyň özara gatnaşyklary ösdürilýär, onýyllyklary nazarlaýan türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň ygtybarly binýady goýulýar. Şulary nazara almak bilen, elbetde, duşuşygyň dowamynda HHR-iň Başlygy hem-de Hytaýyň beýleki ýolbaşçylary bilen hem ara alyp maslahatlaşmak üçin mesele köpdür. Iň esasysy bolsa, şol meseleleriň ählisi oňyn häsiýete eýedir. Şunda özara düşünişmek, ynanyşmak, deňhukuklylyk we hormat goýmak iki tarapyň hem garaýyşlarynyň esasyny düzýär.

Türkmen-hytaý hyzmatdaşlygy uzak möhletleýin häsiýete eýe bolup, biziň ýurtlarymyzyň 2013-nji ýylda gol çeken strategik hyzmatdaşlygy ýola goýmak barada bilelikdäki Jarnama laýyklykda guralýar. Bu bolsa şol gatnaşyklaryň halkara ýagdaýlara, döwre ýa-da aýry-aýry şertlere bagly däldigini alamatlandyrýar.

Daşary syýasatda Türkmenistanyň we Hytaýyň ählumumy durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmek meselelerine, syýasy, milli, dini ekstremizme, separatizme, terrorçylyk wehimlerine garşy durmakda çemeleşmeleri ýakyndyr ýa-da gabat gelýär. Ýurtlaryň ikisi hem halkara gatnaşyklarda deňhukuklylyk we adalatlylyk, Durnukly ösüş maksatlarynyň amala aşyrylmagy ugrunda çykyş edýärler, ählumumy wehimlere netijeli garşy durmak boýunça dünýä bileleşiginiň tagallalaryny goldaýarlar. Şunuň bilen baglylykda, dünýä giňişliginde biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklara mahsus bolan özara düşünişmegiň hem-de goldawyň ýokary derejesi türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň möhüm şerti bolup durýar. Binýatlaýyn gymmatlyklaryň, dünýägaraýyşlaryň, maksatlaryň, wezipeleriň ýakynlygy iki ýurda iri halkara guramalaryň, ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde üstünlikli hyzmatdaşlyk etmäge, birek-birege goldaw bermäge, oňyn başlangyçlaryň ilerledilmegi hem-de amala aşyrylmagy üçin syýasy-diplomatik tagallalary utgaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Biz Hytaýyň Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk derejesine hem-de ýurdumyzyň bu derejä esaslanýan daşary syýasat ugruna hormat goýýandygyna ýokary baha berýäris. Öz nobatynda, Türkmenistan hytaýly hyzmatdaşlarymyz üçin möhüm bolan meselelere, şol sanda Hytaý Halk Respublikasynyň çäk bitewüligine hem-de jebisligine dahylly ýagdaýlara öz garaýyşlaryny hemişe anyk we kesgitli beýan edýär, «Bitewi Hytaý» syýasatyna berk eýerýär.

Merkezi Aziýadaky ýagdaýy ara alyp maslahatlaşmak türkmen-hytaý gepleşikleriniň gün tertibinde aýratyn orny eýeleýär. Şunda iki ýurduň garaýyşlary ýakyndyr. Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasy sebitde ýüze çykýan meseleleriň çözgüdine syýasy we diplomatik usullar arkaly çemeleşmek bilen, köptaraplaýyn bähbitleriň deňeçerligine esaslanýan berk we uzak möhletleýin howpsuzlyk ulgamynyň döredilmegi ugrunda çykyş edýärler. Biziň döwletlerimiz bu işlere uly goşant goşmak arkaly dünýä bileleşiginiň jogapkärli agzalary hökmünde öz garaýyşlaryny öňe sürýärler.

Söwda-ykdysady gatnaşyklar barada aýdylanda, haryt dolanyşygynyň möçberiniň yzygiderli artýandygyndan başga-da, hytaý kompaniýalarynyň türkmen bazaryndaky işjeňligi düýpli äşgärdir. Hytaý häzirki wagtda Türkmenistanyň iň iri ykdysady we maýa goýum hyzmatdaşydyr. Türkmenistan bilen Hytaý energetika, ulag, aragatnaşyk, himiýa senagaty, dokma senagaty, oba hojalyk pudagy, lukmançylyk, ýokary tehnologiýalar ulgamlarynda hyzmatdaşlyk edýärler. Häzirki wagtda taraplar aragatnaşyk, ýurdumyzyň telekommunikasiýa, hemra aragatnaşyk hyzmatlaryny döwrebaplaşdyrmak ulgamynda taslamalary durmuşa geçirmek ugrunda tagalla edýärler. Uzak aralykdan dolandyrylýan hemra ulgamlarynyň mümkinçilikleri hem-de olary ulanmagyň usullary öwrenilýär.

Ýangyç-energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlygy aýratyn bellemek gerek. 2009-njy ýylyň ahyrynda ulanmaga berlen Türkmenistan — Hytaý gaz geçirijisi Aziýa yklymynda amala aşyrylan iň iri bilelikdäki energetika taslamasyna öwrüldi. Häzirki wagta çenli bu gaz geçiriji boýunça Hytaýa 350 milliard kub metrden gowrak tebigy gaz iberildi. Munuň özi aňrybaş çäk däldir. Bu gaz geçiriji iki ýurduň ýolbaşçylarynyň energetika babatda ählumumy meseleleriň oňyn çözgüdine syýasy taýdan jogapkärçilikli, oýlanyşykly, ykdysady babatda öňdengörüjilikli çemeleşmeleriniň aýdyň nusgasydyr. Şunuň bilen baglylykda, Hytaý Halk Respublikasynyň energetika serişdelerini ibermegiň ygtybarly goraglylygyny hem-de howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça halkara mehanizmleri döretmek ugrunda Türkmenistanyň başlangyçlaryny yzygiderli goldaýandygyny we netijeli ýardam bermegini dowam etdirýändigini bellemek gerek. Türkmenistan — Hytaý gaz geçirijisiniň taslamasynyň üstünlikli amala aşyrylmagynyň halkara energetika hyzmatdaşlygynyň geljekki gurluşynyň nusgasyna öwrülýändigine berk ynanýaryn. Bu taslamanyň amala aşyrylmagynyň Aziýa yklymyndaky umumy ýagdaýa oňyn täsirini ýetirýändigi hem örän möhümdir. Munuň özi durnuklylygyň we howpsuzlygyň möhüm şerti bolmak bilen, yklymda syýasy we ykdysady gatnaşyklaryň tutuş ulgamyna goşmaça durnuklylyk häsiýetini berýär.

Ulag we kommunikasiýalar ulgamynyň ösdürilmegine Hytaý bilen hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugry hökmünde garaýarys. Ählumumy goşulyşmak şertlerinde ulag gatnawlarynyň kämilleşdirilmegi, üstaşyr geçelgeleriň döredilmegi barha uly ähmiýete eýe bolup, ol dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň möhüm şerti hökmünde çykyş edýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň we Hytaýyň bilelikdäki ulag strategiýasyny kemala getirmek üçin ähli mümkinçilikleriniň hem-de şertleriniň bardygyna ynanýaryn. Bilelikdäki geografik, serişde, ykdysady kuwwatyň, harytlary ýerlemegiň täze ugurlaryna çykmak üçin artykmaçlyklaryň peýdalanylmagy bu strategiýanyň esasyny düzýär.

Türkmenistanyň we Hytaýyň, ähli gyzyklanma bildirýän döwletleriň hem-de halkara guramalaryň gatnaşmagynda Gündogar — Günbatar Ýewraziýa üstaşyr ulag ugrunyň ýola goýulmagy yklymyň ykdysadyýeti üçin hakyky zerurlykdyr. Onuň durnukly we uzak möhletleýin ösüşi diňe bir ykdysady babatda däl-de, syýasy babatda hem bähbitleriň durnukly deňeçerliginiň saklanmagynyň möhüm şertidir. Şunda HHR-iň wekiliýetleriniň soňky ýyllarda üstaşyr ulag geçelgeleriniň halkara hyzmatdaşlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekdäki ornuna bagyşlanan halkara forumlara işjeň gatnaşýandygyny minnetdarlyk bilen bellemek isleýärin. Şu nukdaýnazardan, Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjynyň Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek» strategiýasy bilen dünýägaraýyş we amaly nukdaýnazaryndan ýakyndygyny hem-de sazlaşýandygyny nygtamak gerek. Bu başlangyçlaryň ikisi-de häzirki zaman şertlerinde Ýuwaş ummandan Atlantik ummana çenli ägirt uly giňişlikleriň arasynda amatly ulag geçelgeleriniň döredilmegine, özara baglanyşykly önümçilik we tehnologik ulgamlaryň hem-de senagat gurşaklyklarynyň kemala getirilmegine, durmuş ugurly köp sanly meseleleriň çözülmegine, halklaryň durmuş we abadançylyk derejesiniň ýokarlanmagyna gönükdirilendir.

Häzirki wagtda biz Hytaý bilen parahatçylyk maksatlarynda kosmos giňişligini öwrenmek we peýdalanmak ýaly ugurda hyzmatdaşlygyň ýene-de bir ulgamyny açýarys. Biz üçin täze ugur bolan bu pudagy döretmäge ýardam berýändigi üçin hytaý tarapyna minnetdarlyk bildirýäris. Bu pudagyň ylymda we tehnikada häzirki zaman dünýäsiniň gazananlaryny Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň hem-de ýurdumyzyň howpsuzlygyny pugtalandyrmagyň bähbidine üstünlikli ulanmaga mümkinçilik berer diýip umyt edýäris.

Strategik hyzmatdaşlygyň häzirki tapgyrynda Türkmenistanyň we Hytaýyň welaýatlarynyň, iki ýurduň şäherleriniň arasynda göni gatnaşyklaryň we hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyny goldaýarys. Şandun welaýatynyň hem-de Lebap welaýatynyň, Sian we Mary şäherleriniň arasynda doganlyk gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy baradaky gol çekilen ylalaşyklar munuň aýdyň mysalydyr. Munuň özi döwletara hyzmatdaşlygyň geriminiň we görnüşleriniň giňelýändiginiň, söwda, ykdysady, medeniýet ulgamlarynda, halk diplomatiýasy ugrunda hemmetaraplaýyn gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna we çuňlaşdyrylmagyna iki ýurduň subýektleriniň has işjeň gatnaşýandyklarynyň subutnamasydyr.

Ynsanperwer ulgamda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň işjeň we netijeli ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belleýäris. Munuň özi, ozaly bilen, bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlyga degişlidir. Häzirki wagtda eýýäm ýüzlerçe däl-de, müňlerçe türkmen talyby Hytaýda ýokary bilim aldylar we alýarlar. Türkmenistanlylaryň bu nesli iki halky hem-de döwleti has-da ýakynlaşdyrmak, gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýan gatnaşyklary gaýtadan dikeltmek ugrunda asylly işleri dowam etdirijilerdir. Biz Hytaýyň Hökümetine ýaşlarymyza diňe bir hytaý dilini öwretmek üçin däl-de, dürli hünärler boýunça dünýä derejesinde ýokary bilim almaga döredilen mümkinçilik üçin minnetdardyrys.

Geljek ýylda Türkmenistanda hem-de onuň çäklerinden has alyslarda beýik türkmen şahyry, akyldary we filosofy Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy giňden belleniler. Biz bu şanly sene mynasybetli dabaralaryň birnäçesiniň Hytaýda guraljakdygyna umyt edýäris. Şeýle hem bu dostlukly ýurt özüniň beýik akyldarlary Konfusini, Lao Szyny we beýlekileri belentden sarpalaýar.

Makalamy jemlemek bilen, 2022-nji ýylyň oktýabr aýynda bolup geçen taryhy ähmiýetli wakany — Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň XX gurultaýyny ýatlamak isleýärin. Bu syýasy çäre ählumumy parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy gorap saklamak we üpjün etmek, döwletara gatnaşyklarda deňhukuklylyk, adalatlylyk, özara hormat goýmak ýörelgelerini berkarar etmek ugrunda Hytaýyň alyp barýan syýasatynyň üýtgewsizdigini tassyklady. Munuň özi Hytaý Halk Respublikasy bilen strategik hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen saýlap alan ugrumyzyň dogrudygyna has uly ynam döredýär, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze giň gözýetimlerini açýar. Hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri ägirt uludyr hem-de biz beýik döwlet bolan Hytaý bilen egin-egne berip, şol mümkinçilikleri biziň halklarymyzyň dost-doganlyk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň, parahatçylygyň, gülläp ösüşiň bähbidine gönükdirmäge berk ygrarlydyrys.

Häzirki wagta çenli Türkmenistan — Hytaý gaz geçirijisi boýunça Hytaýa 350 milliard kub metrden gowrak tebigy gaz iberildi.

2022-nji ýylyň ýanwar — noýabr aýlarynda Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygy 10 milliard 123 million amerikan dollaryndan gowrak boldy.

2023-nji ýyl — Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly

ÝAŞLARYŇ SESI

# ULY YNAM BILEN RÖWŞEN GELJEGE TARAP

Her ýyly döwrebap atlandyrmak baradaky asylly däbe eýerilip, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Karary bilen, 2023-nji ýyl «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edildi. Bu çözgüt ýurdumyzyň ykdysady, syýasy, medeni durmuşyna ýaşlaryň doly derejede gatnaşmagy üçin giň mümkinçilikleri döretmek, ýaş nesilleri halkymyzyň ruhy-ahlak däpleri, watançylyk, ynsanperwerlik, zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemek, olaryň jemgyýetçilik-syýasy işjeňligini, şahsy başlangyçlaryny goldamak we höweslendirmek maksady bilen kabul edildi.

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» — ýaşlara bolan uly ynamyň, bagtyýar nesilleriň uly üstünlikleriniň, ýaşlyk joşgunynyň ýyly.

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» — döwlet ýaşlar syýasatynyň has-da dabaralanjak ýyly.

Ýaşlara uly ynam bildirip, ylymly-bilimli, sagdyn ýaşlary döwletimiziň kuwwatly güýji, nurana geljegi hasaplaýan Arkadagly Serdarymyzyň belent ynamyndan güýç alyp, ony ödäp, şöhratly zamanamyzda okamak, öwrenmek, ata-babalarymyzyň döreden mukaddesliklerine wepaly bolmak, eziz Watana janu-tenden hyzmat etmek Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlaryň baş maksadydyr. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň daşyna mäkäm jebisleşip, bu ýyly täze başlangyçlardyr rowaçlyklara, belent watansöýüjilik ruhuna beslemek biziň her birimiziň borjumyzdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň goldawy we hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen, ýurdumyzda ösüp gelýän ýaşlaryň bagtyýar şu güni, aýdyň ertirleri üçin ägirt uly özgertmeler durmuşa geçirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, mukaddes Garaşsyzlyk biziň ähli ösüşlerimiziň, şöhratly üstünliklerimiziň binýadydyr.

Hakykatdan-da, döwlet Garaşsyzlygymyza eýe bolanymyzdan soňra ýurdumyzyň taryhynda uly sepgitlere ýetildi. Şol sanda, Garaşsyzlygymyzyň beren datly miweleriniň biri-de ylym-bilim ulgamynda gazanylan üstünlikler boldy.

Gahryman Arkadagymyz döwlet Baştutany wezipesinde işlän döwründe, ilkinji pursatlardan başlap, ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, ony dünýä standartlaryna laýyk getirmek, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ösen tehnologiýalardan baş çykarýan nesilleri kemala getirmek babatda dünýä nusgalyk işleri alyp bardy. Häzirki wagtda bu nusgalyk işler Arkadagly Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýär. Ýurdumyzda alnyp barylýan bilim özgertmeleri esasynda, döwrebap çagalar baglaryndan başlap, ýokary okuw mekdeplerine çenli bilim edaralary dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalary bilen üpjün edilýär. Kämil hünärmenleri taýýarlamak işleri ýokary depginde alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň ýaş alymlary goldamak baradaky alyp barýan syýasaty hem ýaş zehinleri ýüze çykarmak, olary ylmy açyşlara höweslendirmek, ylmy işgärleri taýýarlamak bilen bagly döredýän mümkinçilikleri ýurduň ylmy-tehniki we ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga ýardam edýär.



Mälim bolşy ýaly, 2022-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda paýtagtymyzyň «Mekan» köşgünde geçirilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşine gol çekdi. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, bu Kanunyň ähmiýeti Garaşsyz Watanymyzyň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyna ýaşlaryň doly derejede gatnaşmagyny üpjün etmekden, ýaş nesilleri watançylyk, ynsanperwerlik, zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemek üçin has amatly hukuk şertlerini döretmekden ybaratdyr.

Ýurdumyzyň ýaş nesilleriniň ykbalyna täsir etjek bu Kanuna gol çekilmegi biz — talyp ýaşlary hem diýseň buýsandyrdy. «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda» Arkadagly Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň daşyna mäkäm jebisleşip, Watanymyzyň abraý-mertebesini arşa götermekde mynasyp goşandymyzy goşarys.

Goý, ýurdumyzyň ýaş nesilleriniň bagtyýar şu güni we röwşen ertiri üçin ägirt uly işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, tutumly işleri elmydama rowaç alsyn!

**Arslan KAKAÝEW,**
Türkmenistanyň
Telekommunikasiýalar we
informatika institutynyň
4-nji ýyl talyby.

SAGLYK

# Möwsümleýin keselleriň öňüni almak üçin peýdaly maslahatlar:

**1.** Bedeniň kesele garşy göreş ukybynyň ýokary bolmaklygyny gazanmak üçin sagdyn durmuş ýörelgesini berjaý etmeli. Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanyp, sagdyn iýmitlenmeli. Ir säher bilen we agşamara arassa howada ýarym sagat pyýada ýöremeli.

**2.** Öz burnuňyzyň nemli bardasyna hem-de çagalaryňyzyň burnunyň nemli bardasyna oksolin melhemini çalmagy endik edinmeli.

**3.** Pasyllara görä geýinmeli we witamin — askorbin turşusyna baý önümleri kabul etmeli (miwe şirelerini, bally we limonly gök çaýy, itburun demlemesi, alma, pyrtykal miwe şireleri, kelem, käşir we beýleki bakja önümleri).

**4.** Iş ýeriňizde we öýüňizde otaglaryň howasynyň tämiz bolmagyny gazanmaly. Onuň üçin penjiräni wagtal-wagtal açyp, otagy ýelejiredip durmaly, ýöne şemalyň ugrunda özüňiziň ýa-da çagalaryňyzyň durmagyna ýol bermeli däl. Howany tämizletmek üçin üzärlik tütetmeli.

**5.** Howanyň üýtgemegi bilen möwsümleýin keselleriň öňüni almak maksady bilen, milli tagamymyz bolan gyzyl burç goşulan unaşy hem hepdede kabul etmeli. Gyzyl burçuň düzümindäki fitonsitler, peýdaly maddalar adamyň bedeniniň kesele garşy göreş ukybyny ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Milli tagamymyz bolan el unaşy möwsümleýin keselleriň öňüni almakda we ýeňil geçirmekde örän ähmiýetli tagamdyr, ýöne hökman maşgala lukmanlar bilen maslahatlaşyň.

**6.** Ýiti respirator ýokanç keseliniň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutuň. Derman serişdelerini özbaşdak lukmandan maslahatlaşman, kabul etmeli däl. Esasan hem, bu antibakterial serişdelerine has degişli. Sebäbi antibakterial serişdeleri wiruslara däl-de, bakterialara garşy ukyply. Olary özbaşdak ulanmaklyk birnäçe gaýraüzülmelere getirip biler we bedeniň kesele garşy durnuklylygyny peselder.

**7.** Asgyrlanda, üsgürlende hökman elýaglyk bilen agzyňyzy we burnuňyzy ýapyň. Elleriňizi elmydama arassa ýagdaýda saklaň we ýygy-ýygydan sabyn bilen ýuwuň.

8. Bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin hökman Gahryman Arkadagymyzyň peşgeş beren «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopediki kitabynda beýan edilýän itburun, çopantelpek, buýanyň köki ýaly dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary maşgala lukman bilen maslahatlaşyp içmegi ýatdan çykarmaň.

**9.** Möwsümleýin kesellere garşy sanjymlar hem biziň ýurdumyzda ýola goýlan, her bir adam öz maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp, olary hem kabul edip biler.

**10.** Iýmit zäherlenmeleriň we ýiti içege ýokanç keselleriň öňüni almak maksady bilen, iýmit önümlerine bildirilýän gigiýeniki talaplary doly we dogry berjaý ediň! Demir we aýna gaplara gaplanan iýmit önümlerini söwda merkezlerinden satyn alyň. Öý şertlerinde olary talaba laýyk saklaň we belgileniş nyşanynda görkezilen möhletine laýyklykda saklamagy we ulanmagy unutmaň!

**11.** Gyş paslynda her bir gününiň şemally, ýagmyrly, garly bolup bilmegini we howanyň derejesiniň peselmegini nazara alyp, paslyň talaplaryna laýyklykda geýniň. Şu günler howanyň sowamagy netijesinde, sürçek sebäpli ýüze çykyp bilýän şikeslenmeleriň öňüni almak maksady bilen, aşagy typmaýan tekiz aýakgaplary geýip, şikes almakdan goranyň. Bu babatda çagalara görelde boluň.

**Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.**

5-nji ýanwarda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda aýratyn tapawutlanan zehinli çagalara Gulbaba adyndaky çagalar baýragy gowşuryldy.

26-njy ýanwarda Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň merkezinde «Hyýallardan hakykata» atly sergi geçiriler.

IŞEWÜRLIK. YLYM. DÜNÝÄ TEJRIBESI

# ÝYLADYŞHANA — ÝAŞYL ÖÝ

(publisistik söhbetdeşlik)

*Telekeçi Döwlet Ballyýew bilen gara gysyň içindäki gürrüňimiziň başy bazardaky bolçulykdan başlandy.*

**Söhbetdeş bolan Gurbannazar ORAZGULYÝEW,**
«Biznes reklama».



Anyk aýdanda, täze ýylyň öň ýanynda ter önümlerden gözüň dokunýandygy, bahalarynyňam elýeterdigi hakda aýdyşdyk weli, ol özüne mahsus agraslyk bilen: «Ýaşyl öýler köpelse, bereket artyberer» diýdi. Meniň düşünmän gözümi tegelänimi aňyp, ýylgyrdy:

— Ýyladyşhanalaryň düýp manysyny aňladýan sözdür bilseň. Iňlisçe «green house» sözi «ýaşyl öý» diýen manyny aňladýar. Girip görensiň-ä, içi edil ýaşyl öwsüp durandyr. Eýsem, tomsuň tüp ýssysynda ony ýylatmak zerurmydyr?! Gaýtam, depäňi gaýnadýan jöwzada içini ýelejiretmeli, gerek bolsa sowatmaly.

Men baş atanymy duýmandyryn. Şondanam gürrüňi aňyrdan tutup ugradyk.

**D.Ballyýew:**



— Hemme ýurtda dört pasyl ýok. Men Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda okanymda, Hindistanyň günorta sebitlerinden, Şri-Lankadan gelen, bile okaýan ýoldaşlarymyz gar ýagyşyny ilkinji gezek görýändigini aýdanynda, geň galypdym. Biziň Türkmenistanymyzyň weli gyşy gysgadan garly, sowuk, bahary läle-reýhanly, tomsy jöwzaly, güýzi «bal akýar» diýlen bereketlidir. Bizde ýylyň 270-300 güni güneşli, açyk howaly bolýar. Keremli topragymyza düşýän Günüň energiýasy hem Ýewropa ýurtlaryna seredeniňde, onlarça esse köp. Beýle howa hemmä ýetdirip duranok. Onsoň azyk bolçulygy, iň esasam, ilata elýeter hem bazary bol bolmagy üçin köp ýurtlar hökman ýyladyşhana usulyna geçmeli bolýar. Ylaýta-da, Günüň şöhlesiniň has az düşýän, gyşy uzak, ýazy gysga Ýewropa ýurtlarynda, Demirgazyk Amerika yklymynda, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitlerinde ýyladyşhana — «ýaşyl öý» juda meşhur, has anygy, diýseň zerur.

Ýyladyşhana nämä gerek? Ynsanyň hemişe ter iýmit iýesi gelýär. Ösen dünýäde adamlar tebigata bagly däl ýagdaýda, emeli şertlerde hem iýmit üpjünçiligini amal etmek mümkinçiligine eýe boldy. Şunda ýyladyşhanalara uly ornuň degişlidigini wagt hem-de tejribe eýýäm görkezdi. Şeýdip, ýurduň öz içki meselesi bolan azyk howpsuzlygynda hem-de daşarky bazara çykmak bilen bagly eksport meselesinde ýyladyşhanalaryň biçak uly mümkinçilikleri biziň günlerimizde barha giňemek bilen. Hasyllylyk hem, tohumçylyk hem ylmy-innowasion esasda barha kämilleşip barýar. Şeýlelikde, Niderlandlar ýaly bu ugra has ýöriteleşen ýurtlarda ýyladyşhanalaryň 1 gektaryndan möwsümde 700 — 750 tonna çenli pomidor hasyly ýygnalýar.

Ýyladyşhanalaryň esasy üç görnüşi bar: adaty, döwrebap we «horizontal farming». Bu üç görnüşiň deslapky ikisi biziň ýurdumyzda hem giňden ulanylýar. Üçünji, «horizontal farming» görnüşi bolsa tutuş dünýäde ýyladyşhanalaryň täze ugurlarynyň biri bolup, ol heniz Türkmenistana getirilmedi. Munuň hem özüne ýetesi sebäpleri bar. Birinjiden, «horizontal farming» güneşi az, ekin ekilýän meýdanlary çäkli, energiýa we beýleki zerurlyklar üçin tölegleriň gymmat ýurtlarynda az ýerden köp hasyl almak üçin ulanylýar. Deňeşdirmek üçin, döwrebap ýyladyşhanada ýertudananyň bir gektaryndan 120 — 150 tonna çenli hasyl alynýan bolsa, «horizontal farming»-de bu möçberi 1000 — 1100 tonna çenli artdyrmak mümkin. Ýöne «horizontal farming» görnüşiniň hasyllylygy ýokary bolşy ýaly, ony durmuşa geçirmek üçin talap edilýän çykdajylar hem döwrebap ýyladyşhanalara garanyňda 8 — 10 esse ýokary. Bu görnüşiň ýene bir ýetmez tarapy, şitilleriň üsti-üstüne ýerleşdirilýändigi üçin şeýle ýyladyşhanalarda uzyn boýly bakja önümlerini (meselem, pomidor, hyýar) ýetişdirmek mümkin däl. Şonuň üçin hem şeýle ýyladyşhanalarda, esasan, ýertudana we dürli görnüşli otlar ýetişdirilýär. Şulary hasaba alsaň, «horizontal farming» görnüşine biziň ýurdumyzdaky şertlerde zerurlyk ýok diýseňem boljak.

Adaty ýyladyşhanalar barada aýdanymyzda, olar, esasan, boýy 36 metr, ini 12 metr (ölçegler babatda isleglere görä sähel üýtgeşmeler edilip bilner) görnüşde gurulýar. Adaty ýyladyşhanalaryň bir gektaryny döretmek üçin edilýän çykdajy ulanylýan materiallara we ekiljek ekine görä, takmynan, 50 — 100 müň amerikan dollaryna barabar. Bu görnüşiň artykmaç tarapy, olaryň diňe bir telekeçiler üçin däl, eýsem, islendik adam üçin elýeterli bolmagydyr. Ýöne adaty ýyladyşhanalarda «ýaşyl öýleriň» döwrebap görnüşindäki mümkin bolan ähli şertleri döredip bolmaýandygy üçin, ondan az hasyl alynýar. Adaty ýyladyşhanalaryň her gektaryndan pomidoryň 130 — 150 tonna hasylyny almak mümkin.

Döwrebap ýyladyşhanalar adaty görnüşden tapawutlylykda, has köp hasyl berýär. Mysal üçin, döwrebap ýyladyşhanada ýetişdirilen pomidoryň bir gektaryndan biziň ýurdumyzda 250 — 300 tonna, Niderlandlar ýaly öňdebaryjy ýurtlarda bolsa 500 — 700 tonna hasyl alynýar. Biziň ýurdumyz bilen Niderlandlaryň ýyladyşhanalarynyň arasyndaky hasyllylygyň aratapawudyny hem düşündirip geçeýin. Bu, ilki bilen-ä, howa şertleri bilen bagly. Has anygy, Niderlandlar ýyladyşhanadaky pomidorlary ýanwar aýynda ekip, dekabr aýynda ýygnaýarlar. Ýagny olar ýylyň tutuş dowamynda hasyl alýarlar. Biziň ýurdumyzda bolsa tomsuň jöwzaly aýlarynda ýyladyşhanadaky pomidorlar aýrylyp, sentýabrda täzeden işe başlanýar. Galyberse-de, ylmy-innowasion usullaryň arasynda häzirlikçe tapawut bar. Ýöne bu tapawut gitdigiçe aýrylmak bilen. Dünýäniň öňdebaryjy tejribelerini mümkingadar ulanmak arkaly biziň ýurdumyzda hem döwrebap ýyladyşhananyň bir gektaryndan pomidoryň 450 tonna çenli hasylyny ýygnap bilen telekeçileriň bardygy guwanarlyk hakykatdyr. Öz gezeginde, dünýä tejribesinde döwrebap ýyladyşhanalaryň hem täze nesilleriniň yzygiderli peýda bolýandygyny bellemek gerek.

Ekiniň görnüşleri, sortlary hem islegiň artmagynyň hem-de ylmyň, seleksiýanyň kämilleşmeginiň hasabyna görnüşini giňeldip barýar. Mysaly daşdan gözlemäli. Aşgabadyň bazaryna baryp göräý. Ýyladyşhanada ýetişdirilen gyzyl, hurmaýy reňk, gülgüne, sary, gögümtil, salat görnüşli, salkym görnüşli, alma reňk pomidorlar gözüňi dokundyryp durandyr.

**— «Köýnek teniňe ýakyn» diýlişi ýaly, Döwlet, öz ýurdumyzda gurulýan «ýaşyl öýler» — ýyladyşhanalar, bu ugurda gazanylan tejribeler, tebigy şertlerimiz hakda bilmek, eşitmek gulaga has ýakymly.**

— Gepimiziň başynda aýdyşymyz ýaly, Türkmenistan geografik taýdan şeýle bir ajap ýerde ýerleşen weli, tüýs Taňry halan diýleni. Bizde nowruzdan öň topraga käbir ekinleriň tohumyny taşlap bolýar. Ol wagt Ýewropada topragyň doňam çözülmeýär. Maý aýynyň içinde ýetişýän ter önümler, hatda miweler bar. Paslyň o mütdetinde Aziýa yklymynyň käbir ýerlerinde agaç güllemeýärem. Onsoň biliberiň biziň howa, toprak şertlerimiziň ýer berekedi — hasyl üçin nähili ýaramlydygyny!

Ýyladyşhanaly gürrüňe gelsek, ýylyň dört paslynda-da ter önümi üzüp iýmäniň lezzetem, jana ýaramlylygam, bahasyna edýän täsirem ap-aýrydyr. Ýöne ekeniň sowlup, biýarasyny ýygnamalam bolýar. Eýsem, şondan soň nätmeli? Ine, şonda ýyladyşhana maňlaýdan direýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň islendik, hatda iň daş-gyrak çetdäki künjegine barsaňam, hökman ýyladyşhana gözüň düşer. Bu birinjiden-ä, döwlet syýasatynyň ilatymyzy gerekli önümler bilen doly üpjünläp, ýurtda azyk bolçulygyny döretmek strategiýasynyň netijesi. Bazar gatnaşyklaryna geçilensoň, iş etjek, onda-da oba hojalyk önümlerini ýetişdirjek diýýänlere ýeňillikli karzlar üznüksiz berilýär. Ikinjidenem, bu ekinleri ýetişdirenlere döwlet salgydy düýbünden ýok, ýetişdireniň özüňki. Üçünjiden, gaz, tok hyzmatlarynyň tölegleri juda ujypsyzja. Suw gerek bolsa, arzan şertden artezian-ýerasty guýular gazylyp berilýär. Bir söz bilen aýdylanda, ýurdumyzda orta hem kiçi telekeçiligi ösdürmek üçin doly mümkinçilikdir şertler döredilen. Ine, şeýle bolansoň, ýurduň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary soňky 5-6 ýylyň içinde ýyladyşhana usulyna has giňden ýapyşdylar. Bu döwletli hem bähbitli işe girişmezden ozal, ol ýigitleriň aglabasy Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Niderlandlar, Germaniýa, Fransiýa, Türkiýe ýaly daşary ýurtlarda bolup, ol ýerlerdäki iş usullaryny, tejribäni, ylmy-inženerçilik çözgütleri, seleksiýa-tohumçylyk işini, innowasion özgerişlikleri, garaz, bu işe dahylly iňňe ýalyjak zadam ilik-düwme öwrendiler. Şeýdip, işe ýapyşsaň, edeniň oňuna bolýar gidiberýär. Şeýlelikde, ýyladyşhanalary ösdürmek boýunça deslapky tapgyr, olaryň gerimini giňeltmek wezipesi amal edildi. Çen bilen aýtsak, häzir ýurdumyzda umumy meýdany 700 gektardan gowrak bolan döwrebap ýyladyşhanalar hereket edýär. Türkmen telekeçileriniň öňünde durýan indiki wezipe ýyladyşhana biznesini üstünlikli diwersifikasiýalaşdyrmak bolup durýar. Munuň üçin, ilkinji nobatda, daşarky bazary öwrenmeli, diwersifikasiýa usullaryndan kämil baş çykarmaly. Diwesifikasiýa etmegiň zerurlygy barada bir mysaly getireýin. Häzirki wagtda ýurdumyzda hereket edýän ýyladyşhanalaryň 90 göteriminden gowragy pomidor ýetişdirmek bilen meşgullanýar. Arkadagly Serdarymyz tarapyndan döredilýän amatly şertleriň netijesinde, geljekde şeýle ýyladyşhanalaryň sanynyň we tutýan meýdanynyň 2-3 esse artjakdygyny göz öňünde tutsak, bazardaky ýagdaýlara görä, bakja we gök önümleriň beýleki görnüşleriniň hem önümçiligini düýpli öwrenmek we ýola goýmak zerurlygy ýüze çykýar.

**(Dowamy 5-nji sahypada).**

**Bag ýetişdirmegiň birnäçe usullary bar: olaryň içinde iň gowusy — bu işi bagbana tabşyrmak.** Karel Çapek

**Halal zähmet — baky döwlet.** (nakyl)

# ÝYLADYŞHANA — ÝAŞYL ÖÝ

(publisistik söhbetdeşlik)

(Başlangyjy 4-nji sahypada).

Geçirilen seljermeler biziň ýurdumyzyň howa şertlerine we geografiki ýerleşişine (bu şert önümi eksport etmekde möhüm ähmiýete eýe) görä, hyýaryň dürli görnüşleri, badamjan, bulgar burçunyň ýaşyl we reňkli görüşleri, otuň görnüşleri, kelem ýaly, başga-da, ençeme gök we bakja önümlerini ýetişdirmekde we ýerlemekde uly mümkinçilikler gorumyzyň bardygyna güwä geçýär. Sebäbi, bizde maý aýynyň ahyrynda, tomsuň başynda bazarlarymyz özümizde önýän hyýar, ýeralma, miwe önümleriniň käbir görnüşleri, azajyk soňrak «klýonkanyň aşagynda ýetişdirmek usulynda» diýilýän pomidor bilen dolýar, şeýle dälmi? A başga ýerlerdäki toprak, iň bärkisi, goňşy Gazagystanda, ondan azajyk aňyrdaky Russiýa Federasiýasynda, has aňyrrak gitseň, Ýewropa ýurtlarynda ol wagtlar, aýdylyşy ýaly, gyş ukusyndanam oýanmaýar. Ynsan balasyna bolsa iýmit, onda-da her gün hökman ulanylaýmaly önümler gerek. Gazan gaýnasa, ilki bilen, ýeralma, soňam pomidor, sogan atylmaly. Gapdaljygy bilen iýmäge-de ter otlardyr gökje sogan, hyýar gereg-ä. Gadymy Gündogarda «Geými ýamap bolar, bokurdagy ýamap bolmaz» diýlen aýtgy Ýer ýüzi üçinem ýörgünli. Şunda açyk meýdanda ýetişen önümlerimizi eksport edip, soňam üznüksiz üpjünçiligi döretmek, ýagny konweýer usulynda bazary doldurmak üçin giňden gapyny bize ýyladyşhanalar — «ýaşyl öýlerimiz» açyp berýär. Tüweleme, bu ugra imrigen, işi ýola goýan ýigitlerimiziň gaýratyna bolsa «Berekella!» diýibermeli.

Şu ýerde ýene bir zady belläsim gelýär. Biziň ýurdumyzda öýleri bezemekde ulanylýan bezeg gülleriniň we agaçdyr dekoratiw ösümlikleriň, şeýle-de sowgatlyk gülleriň ýyladyşhanalarda ýetişdirilmegine amatly mümkinçilikler bar. Bu bähbitli tarapyň geljekde türkmen telekeçileri tarapyndan peýdalanyljakdygyna berk ynanýaryn.

**— Döwlet, onda bazar gatnaşyklary şertleri bizi öz «howasyna» dolap alyp, içerki bazarlarymyzdan başlanýan ýol dünýä bazaryna tarap giňäp otyr-da, dogrumy? Şunda ekinleri ýetişdirmegiň täze, onda-da Ýer ýüzünde doly özüni ödän usuly bolan ýyladyşhanalary — «ýaşyl öýleri» giňeldibilsek, bähbide tarap-da!**

| Nah ýüplük, aşgarlanmadyk, kardly, ýekegat, klass A, sort 1, Nm 27/1 (Ne 16/1) Ring 37.00 teks. (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt.672873) | kg. | 77 000,00 | 43,75 | öňünden tölemek | EXW | Türkmenabat ş. |
| Nah ýüplük, aşgarlanmadyk, kardly, ýekegat, klass A, sort 1, Nm 34/1 (Ne 20/1) Ring 29.58 teks. (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt.672873) | kg. | 77 000,00 | 45,00 | öňünden tölemek | EXW | Türkmenabat ş. |
| Nah ýüplük, aşgarlanmadyk, kardly, sort 1, dokma sen. önüm. üçin, Nm 20/1 (Ne 12/1) Ring Karde (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt.674769) | kg. | 33 000,00 | 42,50 | öňünden tölemek | EXW | Daşoguz ş. |
| Nah ýüplük, aşgarlanmadyk, kardly, ýekegat, Nm 27/1 (Ne 16/1) Ring (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt.674770) | kg. | 400 000,00 | 43,75 | öňünden tölemek | EXW | Gökdepe etraby |
| Nah ýüplük, aşgarlanmadyk, kardly, ýekegat, Nm 34/1 (Ne 20/1) Ring (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt.674770) | kg. | 400 000,00 | 45,00 | öňünden tölemek | EXW | Gökdepe etraby |
| Nah ýüplük, Nm 27/1 (Ne 16/1) Ring (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt.676473) | kg. | 187 205,29 | 43,75 | öňünden tölemek | EXW | Türkmenistanyň ähli welaýatlary |

«Peloton» kompaniýasynyň girdejisi 2022-nji ýylyň dördünji çärýeginde ABŞ-nyň 285 million dollaryna barabar boldy.

«Zynga» kompaniýasynyň girdejisi 2022-nji ýylyň dördünji çärýeginde ABŞ-nyň 210 million dollaryna barabar boldy.

## Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy www.exchange.gov.tm

| Haryt | Ölçeg birligi | Möçberi | Bahasy | Töleg şerti | Iber. şert. | Nokady |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Nah ýüplük, Nm 27/1 (Ne 16/1) Ring Karde (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt.677515) | kg. | 227 091,44 | 43,75 | öňünden tölemek | EXW | Türkmenistanyň ähli welaýatlary |
| **Içerki / türkmen manady** | | | | | | |
| Haryt ýöriteleşdirmä laýyklykda («Türkmenhaly» DB) (ýüzt.641753) | in.m. | 153,59 | 0,00 | öňünden tölemek | | Aşgabat ş. |
| Haryt ýöriteleşdirmä laýyklykda («Türkmenhaly» DB) (ýüzt.641755) | sany | 59,00 | 0,00 | öňünden tölemek | | Aşgabat ş. |
| **Gurluşyk önümleri / daşarky / ABŞ-nyň dollary** | | | | | | |
| Portland sement PS 500-GO-K (guýlan we/ýa-da satynalyjynyň hasabyna) (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt.670615) | tn. | 9 880,00 | 40,00 | öňünden tölemek | EXW | Lebap wel., Köýtendag etr. Garlyk ş. |
| Portland sement PS 400-G20-K (guýlan we/ýa-da satynalyjynyň hasabyna) (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt.676881) | tn. | 10 000,00 | 36,00 | öňünden tölemek | EXW | Lebap wel., Köýtendag etr. Garlyk ş. |
| **Içerki / türkmen manady** | | | | | | |
| Sozulan armatur A500C- Ø16mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt.658823) | tonna | 2 000,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | Türkmenbaşy ş. |
| Sozulan armatur A500C- Ø20mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt.658823) | tonna | 1 980,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | Türkmenbaşy ş. |
| Sozulan armatur A500C- Ø12mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt.662851) | tonna | 2 000,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | Türkmenbaşy ş. |
| Sozulan armatur A500C- Ø18mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt.662851) | tonna | 1 500,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | Türkmenbaşy ş. |

**Bellik: TDHÇMB-niň söwdalaryna çykarylan pagta we nebit önümleriniň bahalary halkara nyrhnamalara laýyklykda günde üýtgeýär (pagta boýunça «Cotton Outlook» maglumat agentliginiň, nebit önümleri boýunça «Platts» maglumat agentliginiň we polimer önümleri boýunça «ICIS»maglumat agentliginiň maglumatlaryna laýyklykda).**

**Biziň internet saýtymyz: www.exchange.gov.tm Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz : 44-61-16, 44-62-75**

SÖWDA WE DAŞARY YKDYSADY ARAGATNAŞYKLAR



# Jahan habarlary

## Geçen ýylyň 4-nji çärýeginde «Samsung»-yň girdejisi peseldi




Deslapky maglumatlara laýyklykda, Koreýa Respublikasynyň «Samsung Electronics» kompaniýasynyň girdejisi 2022-nji ýylyň dördünji çärýeginde 2021-nji ýylyň degişli döwrüniň 13,67 trillion wony bilen deňeşdirilende, 58 göterim pese düşdi we 5,9 trillion wona (ABŞ-nyň 4,62 milliard dollary) barabar boldy. Bilermenleriň pikirine görä, inflýasiýanyň ýokary bolmagy we bank hyzmatlarynda göterim derejesiniň ösýändigi sebäpli smartfon öndürýän kompaniýalar ýat çiplerini sargyt etmeklerini wagtlaýyn togtadýarlar, çykdajylaryny we maýa goýumlaryny azaldýarlar. Häzirki wagtda «Samsung» dünýäde iň iri ýat çiplerini öndürýän kompaniýa bolmagynda galýar.

**Gurbanguly Garowow,**
Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kliniki farmakologiýa we endokrinologiýa okuwly gospital terapiýa kafedrasynyň assistenti.

## Ýewropada däne hasyly ýokarlanar

«Reýters» habarlar agentliginiň «Coceral» seljeriş merkeziniň habar bermegine görä, 2023-nji ýylda Ýewropada gurakçylyklaryň az bolmagyna we dänäniň bol hasylynyň ýygnalmagyna garaşylýar. Has takygy, çaklamalarda 2023-nji ýylda Ýewropa Bileleşigini we Beýik Britaniýany bilelikde hasaba alanyňda bugdaýyň 143,2 million tonna (2022-nji ýylda alnan hasyl 140,7 million tonna) hasylynyň alynjakdygy aýdylýar. Ýeri gelende bellesek, «Coceral» seljeriş merkezi 2023-nji ýylda Ýewropadaky umumy däne önümçiliginiň 304,4 million tonna ýetjekdigini çaklaýar.



Geçen ýyl bu görkeziji 285,1 million tonna deň bolupdy.

**Begençmyrat Öwezmyradow,**
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.

## Azerbaýjanyň nebite dahylly däl döwlet kompaniýalarynyň önümleriniň eksporty ösýär

Azerbaýjanyň döwlet kompaniýalarynyň 2022-nji ýylyň ýanwar — noýabr aýlarynda nebite dahylly däl önümleriniň eksportynyň jemi ABŞ-nyň 1 milliard 81 million dollaryna barabar boldy. Ýurduň ykdysady özgertmeleri we kommunikasiýalary seljerme merkeziniň maglumatlaryna laýyklykda, bu görkeziji 2021-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, ABŞ-nyň 123,5 million dollary ýa-da 12,9 göterim köpdür.




**Daýanç Mergenow,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň marketing fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.

## Lipesk — ýyladyşhanalar boýunça Russiýadaky iň öňdebaryjy sebit

Iki ýyl bäri Lipesk sebiti ýyladyşhanalarda gök we bakja önümlerini ýetişdirmekde öňdebaryjylygy özünde saklaýar. Sebit bu ýyl geçen ýylky görkezijisini hem täzeläp, umumy mukdary 170 müň tonna golaý gök-bakja önümlerini ýetişdirdi. 2021-nji ýylda bu görkeziji 165 müň tonna barabar bolupdy. Sebitiň ýyladyşhana biznesinde gazanýan şeýle görkezijilerine bu ýerdäki ýyladyşhanalarda innowasion usullaryň giňden ornaşdyrylmagy ýardam berýär. Sebitiň ýyladyşhanalarynda ýetişdirilýän esasy bakja ekinleri pomidor we



hyýar bolup, 2022-nji ýylda diňe şol iki ekinden 165 müň tonna golaý umumy hasyl alyndy.

**Jennet Bäşimowa,**
S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.

Şweýsariýanyň «Valley Road Capital S.A.» hususy maýa goýum kompaniýasy Özbegistanyň «Humo Air» awiakompaniýasyny 27,2 milliard soma satyn aldy.

Bolgariýa suwuklandyrylan gazy Türkiýäniň kabul ediş terminallary arkaly import etmek boýunça Türkiýe bilen 13 ýyllyk şertnama gol çekişdi.

ЖИЗНЬ ЗАМЕЧАТЕЛЬНЫХ ЛЮДЕЙ

# Правила жизни Пеле

**Бразильский футболист, единственный трехкратный чемпион мира.**



Я никогда не хотел быть лидером. Но все знают мою историю. Это произошло само собой. Все внимание было обращено на меня.

***

В семидесятые годы, когда я перешел в «Нью-Йорк Космос», в США зарождались диско и поп-музыка, мы организовывали вечеринки в клубе Studio 54. За эти два года в США я узнал больше, чем за предыдущие 35 лет в Бразилии.

***

Я рожден для футбола, как Бетховен был рожден для музыки.

***

Если однажды я умру, я буду счастлив, потому что старался изо всех сил.

***

Дайте подумать. Неа... нет, все же я не был нигде, где меня бы не знали.

***

К счастью, я родился в бразильском городке Трес-Корасойнс, название которого с португальского переводится как «Три сердца». Поэтому меня трудно задеть.

***

Папа назвал меня в честь Томаса Эдисона, потому что в наш дом провели электричество в то же время, когда я появился на свет. Единственное — он убрал из имени букву «и», поэтому я Эдсон.

***

Чем старше я становлюсь, тем больше я хочу сделать Эдсона и Пеле лучшими друзьями. Я люблю Пеле, но именно Эдсон — тот, на ком держится Пеле.

***

Рис и бобы — лучшая еда, которую я когда-либо пробовал. А еще они полезны для здоровья.

***

Во время ЧМ-1950 мне было 9 лет, тогда я впервые увидел, как плачет папа. Я пообещал выиграть ЧМ для него.

***

Смелость может многое дать тому, кто хорошо подготовлен.

***

Я никогда не испытывал трудностей с чем-либо, что происходит в моей жизни. У меня много известных друзей — кинозвезд и известных игроков — у которых возникают такие сложности, потому что они к ним не готовы. Сначала они хотят прославиться, а после того, как получают славу, мечтают исчезнуть.

***

Люди пытаются найти нового Пеле, но его может больше и не быть. Как в музыке, где есть только один Синатра и один Бетховен; или в искусстве, где есть только один Микеланджело, — так и в футболе есть только один Пеле.

***

Я помню все игры, в которых забивал.

***

Пенальти — это трусливый способ забить гол.

***

Когда я попаду на небеса, Господь Бог примет меня так же, как сегодня принимает весь мир.

**По данным интернет-источников подготовил Байрамдурды Таджиев, студент 3-го курса Государственный энергетический институт Туркменистана.**



## БИЗНЕС-ГОРОСКОП НА НЕДЕЛЮ: 9 января — 15 января

**Овен** 21.03 - 19.04



Овнам нужно попробовать развить в себе новые таланты. Наступает тот самый период, когда нужно идти вперед. Астрологи советуют воздержаться от покупки или продажи имущества. Можно попробовать потратиться на ремонт автомобиля. Если провести сделку нужно любой ценой, важно перепроверить все документы несколько раз и соблюсти осторожность. Перемены в финансовой сфере будут затруднены, однако, во второй половине недели Марс даст Овнам то, что им нужно – уверенность и мотивацию.

**Телец** 20.04 - 20.05



Тельцам в финансовой сфере стоит полагаться не только на свои таланты и навыки, но еще и на предметы, привлекающие деньги. С их помощью вероятность повышения доходов станет выше. Также сейчас очень опасными будут фразы типа «я не смогу», «я беден», «я неудачница» и так далее. Лучше перестать говорить нечто подобное, а также отложить небольшую сумму про запас, причем желательно сделать это уже в понедельник. Экономные Тельцы сохранят средства.

**Близнецы** 21.05 - 21.06



От Близнецов в пятницу может отвернуться удача. Это значит, что все самые важные финансовые дела лучше закончить до конца недели. Если фортуна пропадет, можно воспользоваться тремя способами вернуть везение. Еще астрологи советуют Близнецам избавиться от излишней доверчивости. Давая в долг малознакомым людям, подписывая не глядя важные бумаги и тратя время на помощь недобросовестным коллегам, можно сильно навредить своему финансовому положению.

**Рак** 22.06 - 22.07



Ракам на этой неделе может быть нелегко, ведь даже сильный Марс может не помочь им выбраться из финансовой ямы. Чтобы привлекать больше финансов, можно воспользоваться помощью цветов, привлекающих удачу и богатство. Одежда правильных оттенков будет выступать в роли магнита удачи и денег. Ракам в эти семь дней пригодится планирование расходов и предельная осторожности при совершении покупок. В субботу можно расслабиться и заняться шопингом.

**Лев** 23.07 - 22.08



Львы относятся к звездным прокрастинаторам – Знакам, которые часто не доводят свои дела до конца. На этой неделе очень важно исправить это в себе, поскольку не доведенные до конца проекты могут стать источником больших проблем. Астрологи советуют Львам заботиться о своем здоровье, чтобы недомогание или недосып не стали причиной неудач на работе и не привели к новым расходам. Лучше не экономить на самочувствии, особенно в путешествиях. Отправляясь за покупками, важно заранее составить список.

**Дева** 23.08 - 22.09



Девам, которые хотят повысить свои доходы, придется чуть больше работать и пользоваться быстрыми заговорами на притяжение денег. С их помощью им удастся привлечь новых клиентов и повысить продуктивность. В конце недели можно раскошелиться и устроить себе вечер покупок, но тратиться лучше только на то, что действительно необходимо. Купленные сейчас вещи прослужат долго. Можно потратить немного денег на себя любимых – например, на преображение внешности.

**Весы** 23.09 - 22.10



Весам будет везти в сфере финансов и работы. Астрологи советуют как можно реже общаться с представителями самых жадных Знаков Зодиака. Энергетика таких людей может негативно сказаться на денежной удаче Весов. Еще этим людям понадобится спокойствие и рассудительность. Так они смогут с большей вероятностью раскрыть свои таланты. Астрологи советуют пока не брать и не давать никому в долг. Также важно иметь подушку безопасности на случай непредвиденных трат.

**Скорпион** 23.10 - 21.11



Скорпионам стоит соблюдать режим дня. Так они с большей вероятностью смогут принимать правильные финансовые и рабочие решения. Более того, это благотворно повлияет на настроение и здоровье. Вторая половина недели, особенно выходные – удачные дни для покупок, вложений и приобретений. Скорпионы могут внести новизну в свои финансовые потоки, потратив деньги полезным и неожиданным образом. Например, если они давно не меняли имидж, можно потратиться на новую одежду. Можно купить стройматериалы для ремонта или новую мебель.

**Стрелец** 22.11 - 21.12



Стрельцам, которые почувствуют недостаток удачи, стоит начать следовать энергетическим законам успеха. Особенно важно это будет для тех, кто сейчас переживает дни финансового кризиса и нуждается в деньгах и мотивации. Если есть люди, которым Стрельцы доверяют, можно попробовать обратиться к ним за помощью. Свой собственный опыт тоже важен: слушая советчиков, все равно следует взвешивать каждое слово и не полагаться на чужие рекомендации безрассудно. Добиться желаемого на финансовом поприще поможет работа над собой.

**Козерог** 22.12 - 19.01



Козерогам для финансового успеха с 9 по 15 января стоит побороть страх, тревогу и дурные мысли. Их главный покровитель в лице Марса станет сильнее в четверг, что откроет перед ними новые дороги. Козерогов ожидает достаточно перспективная, хоть и непростая неделя. В пятницу рекомендуется быть осторожнее с тратами и внимательнее на кассе. Чем больше Козероги будут сконцентрированы на успехе, тем быстрее он к ним придет, поэтому важно думать о хорошем.

**Водолей** 20.01 - 18.02



Водолеи – типичные звездные трудоголики, которым периодически нужно говорить себе «стоп», чтобы не перегорать. На этой неделе они с высокой вероятностью захотят больше работать, поэтому важно помнить об отдыхе. Сохранение энергии и сил поможет увеличить доходы и улучшить положение в бизнесе, поскольку в эти семь дней наилучшие решения будут приходить в голову к тем Водолеям, которые спокойны и полны сил. Эти люди обретут творческий успех, поэтому важно записывать все свои идеи.

**Рыбы** 19.02 - 20.03



Рыбам нужно больше работать бок о бок с другими людьми. Важно пользоваться тремя сильными методиками, которые помогут быстрее расположить к себе любого человека. Так Рыбы смогут получать больше помощи и реже оставаться одни. Астрологи советуют обращать внимание на тех людей, которые видят во всем лишь хорошее и не сомневаются в себе. Траты окупятся, идеи окажутся прибыльными, вложения оправдаются, если не позволять окружающим заражать себя негативом, особенно в начале недели.

**9 января 1799 года премьер-министр Великобритании Уильям Питт Младший впервые в мире ввёл подоходный налог — 2 шиллинга на фунт.**

**9 января 1816 года английские шахтёры впервые использовали безопасную лампу с металлической сеткой для работы в шахтах.**

Üstünligiň taglymaty

«Biznes reklama» gazetiniň terjime tekjesinden




# Nädip ynjalyksyzlygy bes etmeli we ýaşap başlamaly

(Başlangyjy gazetimiziň geçen sanlarynda)



Deýl KARNEGI

Terjime eden: **Orazmyrat MYRADOW**

## BIRINJI BÖLÜM. YNJALYKSYZLYK BARADA ILKINJI NOBATDA BILMELI ZAT NÄME?

### 1. «Bir günüň çäginde» ýaşaň

1871-nji ýylyň ýazynda bir ýaş ýigit eline düşen haýsydyr bir kitapdan dogry on alty sözden ybarat bolan abzasy — onuň geljegini düýpgöter üýtgeden on alty sözi okapdyr. Monrealyň şäher hassahanasynda lukmançylyk ugrundan bilim alýan bu talyp ýigitde ynjalyksyzlyk üçin esas köp eken. Gutardyş synaglar we öňdäki durmuş babatdaky nämälimlikler ony howsala salypdyr. Ol özüniň lukmançylyk bilen bagly işini nirede we nähili esaslandyrmalydygynyň üstünde kelle döwüpdir. Ol güzeran aýlar derejede hem gazanç edip bilmerin öýdüp gorkupdyr.

Eline düşen kitapdan okan on alty sözi bu talyp ýigide öz döwrüniň iň tanymal lukmany bolup ýetişmäge kömek edipdir. Ol bütin dünýäde meşhur Jon Hopkins adyndaky lukmançylyk institutyny esaslandyrypdyr. Ol lukmançylyk boýunça Oksford uniwersitetiniň hormatly professory bolupdyr — munuň özi Britan imperiýasynda iş alyp barýan her bir lukman üçin beýik mertebe ahyry. Ol iňlis monarhy tarapyndan rysarlyk derejesine mynasyp görlüpdir. Dünýäden ötenden soň çap edilen terjimehaly 1466 sahypadan ybarat iki tomluk uly göwrümli kitapda jemlenendir.

Oňa ser Uilýam Osler diýýärler. Ynha, onuň 1871-nji ýylyň ýazynda okan on alty sözi — ýaş talyba aladadyr howsalalardan dynmaga kömek eden, Tomas Karleýliň kitabyndan alnan on alty söz: «Alys gözýetimdäki salgymlara seretmäge kän güýç sarp etmäň, öz gözüňiziň alnynda ýatan zat bilen meşgul boluň».

Kyrk iki ýyldan soň, bahar paslynyň maýyl agşamlarynyň birinde, parç bolup açylan çigildemleriň ysy tutuş kampusda burk urýarka ser Uilýam Osler Ýel uniwersitetiniň talyplarynyň öňünde çykyş edipdir. Ol özi babatda, ýagny dört uniwersitetiň professoryna we meşhur kitabyň awtoryna köplenç «aýratyn tapawutly akylyň» eýesi hökmünde baha berýändiklerini aýdypdyr. Ol munuň dogry däldigini nygtapdyr. Ýakyn dost-ýarlary onuň akyl babatdaky ukyp-başarnyklarynyň, gaýtam, «juda ortatap derejededigini» tassyklap bilerler.

Şeýle bolýan bolsa, onuň üstünliginiň syry nämeden ybarat? Ser Uilýamyň özi ähli ýeten derejeleriniň sadaja kada esaslananlygyny aýdypdyr: «Bir günüň çäginde ýaşaň». Ol nämäni göz öňünde tutupdyr? Ýeldäki çykyşyndan birnäçe aý ozal äpet gämide Atlantik ummanyny ýüzüp geçmek oňa miýesser eden eken. Ser Uilýamy şu ýagdaý haýran galdyrypdyr: kapitan paýapyljyga çykyp, ýekeje düwmäni bassa, gäminiň esasy bölekleriniň ählisi göz açyp-ýumasy salymda demir germewler bilen suw geçirmeýän aýratyn çäklere bölünýär eken. «Siziň her biriňiz umman gämisine garanyňda, has kämil gurluş ahbetin, siziň syýahatyňyzam has uzagrak dowam eder. Onuň howpsuz bolmagy üçin bolsa, bedeniňiziň «Bir günüň çäginde» gizlenmäge mümkinçilik berýän mehanizmine kämil derejede gözegçilik etmegi öwrenmegiňiz gerek. Paýapyljyga köpräk galyň-da, ätiýaçlyk germewleriňiň guratlygyny barlap duruň. Durmuş ýolunyň haýsy basgançagynda bolsaňyz hem, düwmejigi basyň, şonda demir gapylar geçmiş bilen — öli Düýn bilen araňyza germew goýar. Beýleki bir düwmäni basyň, şonda geljek — heniz dogulmadyk Ertir bilen araňyzda demir diwar peýda bolar. Şol minutdan başlap, siz howpsuz ýagdaýda — şu gün bilen ýaşap başlamak üçin howpsuz halda bolarsyňyz. Geçmiş bilen araňyza germew goýuň! Goý, merhumlar öz ölülerini depin etsinler. Düýnki bolan-goýan zatlary unudyň, çünki beýle zady hakydada göterip ýörmek akmaklaryň ajala barýan ýoluna ýagty saçýandyr. Geçmişiň hem geljegiň ýüküni şu gün göterjek bolup çytraşmagyňyz sizi büdreder we azaşdyrar. Edil geçmiş bilen ara germew çekişiňiz ýaly, geljek bilen araňyza hem aýgytly halda haýat galdyryň! Geljek — şu gündür. Hiç hili ertir ýok. Dertdir aladalardan halas bolunýan gün geler diýip garaşmaň. Ol eýýäm geldi. Geljek hakda ynjalyksyzlanýanlara bolsa, halys bolmak, irmek garaşýar, ahyrky netijesi bolsa akylyňdan azaşmak... Şonuň üçinem öňdäki hem yzdaky germewleri ýş geçmez ýaly derejede berk petikläp, «bir günüň çäginde» ýaşamagy öwreniň» diýip, doktor Osler özüniň geljekki kärdeşlerine pent beripdir.

Belki, doktor Osler özümizi geljege taýýarlamak bütinleý zerur däl diýmek isländir? Ýok. Elbetde, beýle däl, ýok. Emma ol geljege taýýarlanmagyň iň gowy usulynyň — ähli energiýaňy, akyl-paýhas babatdaky ukyp-başarnyklaryňy tutuşlygyna şu günki işleriňi berjaý etmäge gönükdirmekdigini aýratyn nygtamak isläpdir. Bu diňe bir iň gowy usul bolman, eýsem, ýeke-täk usuldyr hem.

Ser Uilýam talyplara täze güni «Biziň şu günki rysgymyzy bereweri» diýip, Hudaýa mynajat bilen başlamagyň zerurdygyny ündäpdir.

Üns beriň, bu dogada diňe ***şu günki çöregimiz*** **hakda aýdylýandyr. Onda düýnki günüň gaty çöreginden zeýrenç duýlanok. Onda aşakdaky ýaly howsalalara we gorkulara orun ýok: «Eý Hudaý, bu ýyl şeýle bir jokrama yssy boldy welin, meýdandaky bugdaýymyz tas gurapdy! Birdenkä geljek ýyl ýene-de gurakçylyk bolaýsa näme? Şonda biz näme iýeris? Çöregi nireden taparys? Galyberse-de, eý Hudaý, birden men işsiz galaýsam näme? Iýjek çöregimi nädip taparkam?».**

Munuň tersine, Hudaýa mynajat bize diňe *şu günki* çöregimiz hakda dileg salmagy öwredýär. Sebäbi ertirki ýa düýnki däl-de, diňe şu günki çöregi iýip bolýar.

Gadym zamanda adamlaryň güzeran aýlamak üçin juda agyr zähmet çekmeli bolýan daşlyk we hasyl önmeýän toprakly ýerinde bir kemmagal filosof awara halda gezip ýören eken. Bir gezek bilesigeliji adamlaryň topary onuň daşyny gallap alypdyr. Şonda ol daga çykypdyr-da, olara pent edipdir, onuň bu sözleri häzire çenli ähli halklarda we ähli dillerde san-sajaksyz gezek mysal alnypdyr. Onuň aýdan şol pendinde bary-ýogy on alty sözden ybarat bir abzas bar, emma bu sözler ýigrimi asyr bäri adamzat paýhasynyň dürdänesi hasaplanýar: «Ertirki günüň pikirini etmäň, ertirki gün öz najatyny özi görer: her günüň öz aladasy özüne ýetik».

«Ertirki günüň pikirini etmäň». Köpler Isa pygamberiň bu pendini mistisizme dahylly formal ýagdaý hasaplap, muny inkär etdiler we inkär edýärler. Olar: «Men ertirki günüň gamyny iýmäge *borçly*. Men özümi we maşgalamy geljekki sarsgynlardan ätiýaçlandyrmaga *borçly*. Garran çagyma niýetläp pul süýşürmäge *borçly*. Özümiň indiki ätjek her bir ädimimi üns bilen meýilleşdirmäge *borçly*» diýip nygtaýarlar.

Dogry. Elbetde, borçly. Bu ýerde gep Isanyň üç ýüz ýyldan gowrak öň terjime edilen bu sözleriniň öz manysyny üýtgedenligindedir. Iakow şanyň döwründe «pikirlenmek» köplenç «aladalanmagy» ýa-da «howsala düşmegi» aňladypdyr. Hut şonuň üçinem Injiliň häzirki redaksiýalarynda bu jümle şeýle terjime edilýär: «Ertirki gün hakda aladalanmaň».

Netijede, ertirki gün hakda pikir etmek hökmandyr. Öz geljegiňi üns bilen meýilleşdirmek we jikme-jik hasap ýöretmek gerek. Ýöne ol barada alada edeniňe degýän däldir.

Nähili ýagdaýdygyna garamazdan, rasional (akylly-başly, oýlanyşykly) we irrasional (garjaşyk) pikirlenmäniň arasyndaky tapawut şundan ybarat: rasional pikirleniş sebäpler we netijeler bilen iş salyşýar hem logiki oňyn meýilleşdirişe getirýär, irrasional pikirlenme aşa dartgynlylyga we nerw bozulmasyna getirýär.

1935-nji ýyldan 1961-nji ýyla çenli dünýäde iň belli gazetleriň biriniň — «Nýu-Ýork Taýmsyň» şärikli eýelerinden biri we redaktory bolan Artur Heýs Zalsbergerden interwýu almak maňa miýesser edipdi. Jenap Zalsberger Ýewropada Ikinji jahan urşy tutaşanda geljek barada howsala galyp, gorkmakdan ýaňa, gijelerine gözüne uky gelmänligini gürrüň berdi. Köplenç ol gijäniň ýarynda turup, surat çekilýän kendir matasydyr reňklerini alyp, aýna bakyp, awtoportretini çekmäge synanyşar eken. Žiwopisden bütinleý başy çykmaýan hem bolsa, surat çekmegini dowam etdiripdir — diňe şeýle usul arkaly aňyny-akylyny gurşap alan ynjalyksyzlykdan saplanmagy başardypdyr. Jenap Zalsberger ybadathana senasynyň bäş sany adaty sözünden janyna ynjalyk tapaýýança, aladalaryň we howsalalaryň özüni sypdyrmandygyny boýun alypdy. Soňra bu sözler onuň durmuş şygaryna öwrülipdir: «Maňa bir ädim hem ýetik».

Äkit meni, eý beýik Nur...
Ýol salgy ber. Belli edip
Bermeseň-de ahyryny!
Maňa bir ädim hem ýetik.

Çen bilen edil şol wagtda, ýöne Nýu-Ýorkdan müňlerçe mil uzakda harby eşikli bir ýaş ýigit ejir çekip, özi üçin edil şunuň ýaly ýagdaýdan çykalga gözleýärdi. Asly Merilend ştatynyň Baltimoryndan bolan Ted Benjermino Ýewropada gulluk edýärdi we urşuň ahyryna çenli gorkudyr howsalalar ony psihologlaryň «uruş döwrüniň newrozy» diýip atlandyrýan halyna salypdy.

«1945-nji ýylyň aprelinde nerwim meni şeýle bir bimaza edýärdi welin, lukmanlar maňa «ýogyn içegäniň ortaky bölegiňiň keseligine gysylmasy» diýilýän diagnozy goýdular — diýip, Benjermino gürrüň berýär. — Bu uçran zadymyň nämedigini-hä bilemok welin, çekip-çydap bolmajak agyrylar maňa jebir berýärdi. Eger uruş biraz gijigip gutaran bolsa, men bütinleý lagşap, harap halda öýe dolanardym.

Men bütinleý tapdan gaçypdym. Harby ýörişlere gatnaşmaýan serkerde hökmünde, 94-nji pyýada goşun diwiziýasynda gulluk etdim. Söweş pursatlarynda ýaralananlaryň, ölenleriň we dereksiz ýitenleriň ählisiniň hasabat kartoçkalarynyň düzülişiniň we ýöredilişiniň dogrulygyna gözegçilik etmek meniň borjuma girýärdi. Galyberse-de, biz urşuň aldym-berdimli başagaýlygynda helák bolan esgerleriň şahsy goşlaryny toplap, olaryň bu goşlary mukaddes hasaplaýan ene-atalaryna ýa-da ýakyn garyndaşlaryna ugratmalydym. Elmydama ýazgylarymyzda nämedir bir zady bulaşdyrarys ýa-da, Hudaý saklasyn, ene-atalaryň salgysynda ýalňyşlyk goýbereris öýdüp gorkýardym. Ýeke-täk oglumy — heniz görmedik on alty aýlyk balamy götermek hem miýesser etmäýjek ýaly gorky meni gozgalaňa salýardy. Şu ynjalyksyzlyklaryň ählisi meni şeýle bir egbarlatdy welin, men on bäş kilogram horlandym. Men janyma jaý tapmaýardym. Ellerime seredip, öz elimi tanamokdym — diňe ham bilen süňkdi.



(Eseriň dowamy gazetiň indiki sanynda).

**Rahatlyk tapmak isleseňiz, tebigaty diňläň. Tebigatyň ümsümligi millionlarça gereksiz sözlerden has oňat tesellidir.**
Konfusiý

**Parahatçylyga taý geljek bagt ýokdur.**
Siseron

ÝOLÝAZGY. Balkan welaýaty.

# Syýahatçynyň nukdaýnazaryndan

Ýolýazgydaky suratlar awtoryň düşüren suratlary

**Aýjemal GURBANOWA,**
BMG-niň Ilat gaznasynyň Türkmenistandaky sanly aragatnaşyk boýunça hünärmeni.

**6-njy gün. Dördünji düşelge. Daýna obasy.**

Daýna obasy kompozitor Nury Halmämmedowyň doglan ýeri. Ilkibaşda bu oba düşlemek syýahat meýilnamamda ýokdy.

Öýde başagaýlyk artmasa, kemelenok. Awtobusyň ugraýan wagtyna çenli Suraýa kömekleşdim. Sagat 12-lerde Myrat aga bazaryň ýanyna düşürdi. Awtobus 12:30-da ugraýardy. Oňa çenli buzgaýmak iýip garaşdym. Aňyrdan ýüzünde Gyzylarbat — Daýna ýazgyly awtobus göründi. Gyzylarbatdan gelýän eken. Tapyrtupur münüp, ýer edindim. Adamlaram, olaryň goşlaram ýetik. Bir gapdalymda ynjyk daýza, beýleki tarapymda dalaşgär gyz oturdy.

Daýna obasy Garrygaladan 107 kilometr daşlykda ýerleşýär. 4 sagatlyk ýoluň içine Sumbar, Nohur, 4-5 sany kiçiräk oba girýär. Gynansak-da, 5 kilometr uzakdaky Könekesir obany surata alyp bilmedim. Tanşym Amangeldi mugallym öz ýaşaýan Könekesir obasyny surata düşürip ugratdy. Edil awtobusdan görnüşi ýalydy, atlar, goýunlar, çopan. Özümi daşary ýurda çykan ýaly duýdum.

Sagat 4-den geçibräk oba bardyk. Bärsi has salkyn, şemallydy. Körpe mugallym poçta almaly eken, şol sebäpdenem awtobusa garaşyp durupdyr. Ol taryh mugallyma gelişäýjek sypata eýe eken. Meni gadyrly garşy aldy. Ýolda-da kim geçse elleşip, çaga-çuga bolsa-da salamlaşyp geçýärdi, sylanýan adam ekeni. Öýüne bardyk. Içerden keýwanysy, garyndaşlary çykdy. Kän wagt eglenmän, gezmeli ýerlerimize şaýlandyk. Ilki bilen, Musanyň dükanyna girip, suw, ojuk-bujuk alyşdyrdyk.

Erkeklerde halaýan häsiýetim zenan maşgaladan çekingen bolsa, ýüzüne seretmese, ejap bilen gepleşse. Daýna obasynyň oglanlary hem şeýle eken.

Bu ýere gelmegimi maslahat beren režissýor Gülälek Hezretgulyýewa. Ol Nury Halmämmedowyň heýkeliniň (Saragt Babaýewiň eseri) açylyş dabarasyna barypdyr. Kompozitoryň garyndaşlaryny, ýaşan öýüni, şahsy muzeýini görmek niýeti bilen bardym, emma bolmady. Ýerli ilat bu gymmatlyga kän üns bermeýän bolarly. Agşamara biri görkezjek diýende gitmek isläpdim, Körpe mugallym rugsat bermedi. Ol ýerde başga biriniň ýaşaýandygyny, bimaza edilmese, gowy boljakdygyny aýtdy.

Ýöräp barşymyza, ilki bilen, Nury Halmämmedowyň heýkeline bardyk. Soňra Tagan Berdiýew adyndaky 12-nji orta mekdebe — Körpe mugallymyň işleýän ýerine bardyk. Içindäki kiçi muzeýi görkezdi. Otagyndaky gülleriň suwsanyny görüp, derhal oguljygy bilen suwlamaga başlady. Oňa çenli men Nury Halmämmedow barada çap edilen kitaplary gözläp başladym.



Nury Halmämmedowyň Magtymguly etrabynyň Daýna obasyndaky heýkeli.

Nury Halmämmedow 1938-nji ýylyň 20-nji iýunynda Daýna obasynda dünýä inýär. Ejesi 1944-nji ýylda aradan çykýar.

Nury Halmämmedow 1956 — 1983-nji ýyllar aralygynda (tä ýogalýança) azyndan 175 eser, şol sanda pianoforte üçin 40-dan gowrak eser döredýär. Bularyň arasynda 30 sany animasiýa, 18 sany çeper we 3 sany dokumental filmler üçin ýazylan sazlar bar.

Mekdebi aýlanyp bolanymyzdan soň, Arçal bag — Diňli deräniň aňyrsynda ýerleşýän Körpe mugallymyň mellegine bardyk. Agasy Seýitmuhammet mellege göz-gulak lap duran eken. Zirk agaçlaryny suwlap duran eken.

Öýe dolanyp, nahar iýdik. Zirk şerbetini açyp berdiler.

*(Dowamy indiki sanymyzda).*

KROSSWORD



## KESELIGINE:

**1.** Braziliýaly futbolçy ... Luis Nazario de Lima. **7.** Inçe baldakly, ak, tegelek, sary gülli ot. **10.** Germaniýaly futbolçy ... Mustafi. **11.** Meşhur fransuz suratkeşi Pablo ... . **12.** « ... serçe kepege aldanmaz» (nakyl). **13.** Himiki madda, reňksiz gaz. **14.** « ...okan magnydan dok» (nakyl). **16.** Gyzlaryň tahýasynyň depesine dakýan kümüş bezeg şaýy. **18.** Aýlaryň biri. **20.** Ylymda, tehnikada, sungatda, edebiýatda we ş.m. bir zadyň, düşünjäniň ady hökmünde kabul edilen söz ýa-da söz düzümi. **21.** «Arykdan suw akar, daýhana ... bakar» (nakyl). **22.** Gelinlik gyza, öýlenjek ýigide syn etmäge gelýän adam.. **23.** Ýurdumyzda hokkeý toparlarynyň biri. **26.** Baýdak.

## DIKLIGINE:

**2.** Tärimsiz, diňe uklary ýere dikilip gurnalan öý. **3.** «Meniň dostum Meleguş» kinofilminde bir gahryman. **4.** Kitler maşgalasyna degişli süýdemdiriji deňiz haýwany. **5.** Gazlar maşgalasyndan bolan uly guş. **6.** Russiýada bir şäher. **8.** « ... geler gygyryp, ýel-ýagmyryn çagyryp» (nakyl). **9.** Kertik ýapraklary bişirilip iýilýän ot. **15.** Milli oýun. **17.** «Ak ekine ..., gök ekine akardan» (nakyl). **19.** «Sözi ... bezär, sazy – sungat» (nakyl). **24.** « ... – gylyçdan ýiti» (nakyl). **25.** «Bir garga bilen ... gelmez» (nakyl).

**Düzen Merdan SEÝIDOW,**
**Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.**

TOÝ MEKANYNDA

# Toýlar toýa ulaşsyn!

Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly ýakymly ýatlamalara, göwün galkyndyryjy wakalara baý boldy. Geçen ýylda bolup geçen ösüşler, üstünlikler, başlangyçlar barada näçe aýtsaň aýdybermeli. Her bir ýyl adamyň ömründe ýatda galyjy möhrüni goýýar. Şeýle ajaýyp duýgular hakda gürrüň etmek maksady bilen, «Altyn» toý mekany hojalyk jemgyýetiniň esaslandyryjysy Şadurdy Sähedowa ýüzlendik.

***— Şadurdy aga, jemgyýetçilik hyzmatlarynda işe başlaýşyňyz, «Altyn» toý mekany hojalyk jemgyýetiniň esaslandyrylyşy barada gürrüň beräýseňiz.***

— Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde, ýurdumyzda telekeçilik bilen meşgullanmaga giň mümkinçilikler açyldy. 2013-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda paýtagtymyzda «Aşgabadyň ýalkymy» söwda merkezi açyldy. Şonuň bilen birlikde, «Altyn» toý mekany hem açylyp, halkymyza hyzmat edip başlady. Hojalyk jemgyýetimiz halkyň islegini göz öňüne tutup, diňe toý mekanynda hyzmat etmän, eýsem, göçme toý mekanlaryny, her bir maşgalada geçirilýän dabaralary ýatdan çykmajak pursatlara öwürmek üçin giň hyzmatlary hödürleýär.

Arkadagly Serdarymyz hem hususy işewürligi ösdürmäge uly üns berýär. Telekeçiler üçin uly şertler we ýeňillikler döredilýär. Bu bolsa bizi täze üstünliklere ruhlandyrýar.

***— Toý mekany hyzmatlarynda esasy zat näme?***

— Toý — adam durmuşynda möhüm orun eýeleýär. Halkymyzda toýuň köp dürli görnüşleri bar: bäbek toýy, galpak toýy, sünnet toýy, durmuş toýy, garaz, sanasaň sogaby bar diýleni. Ata-baba däp-dessurlarymyza görä, halkymyz toýda diňe şatlygyny däl-de, hany-manyny il-gün bilen paýlaşýar. Her bir adam öz toýunyň dabaraly bolmagyny, ýatdan çykmajak duýgulara beslenmegini isleýär. Biz hem şu islegleri nazara alyp, işimize örän jogapkärli çemeleşýäris, ýokary hilli hyzmatlary hödürlemäge çalyşýarys.

***— Şadurdy aga, mälim bolşy ýaly, «Altyn» toý mekany hojalyk jemgyýeti halkara derejesindäki çärelere-de, dürli bäsleşiklere-de, ýurdumyzdaky baýramçylyk dabaralaryna-da işjeň gatnaşýar. 2022-nji ýylyň 1-nji awgustynda «Rowaç» kottejler toplumynyň açylyş dabarasynda telekeçileriň guramagynda milli tagamlaryň we daşary ýurt tagamlarynyň sergisi geçirildi. Şonda hormatly Prezidentimiz işewürler bilen söhbetdeş bolup, alyp barýan işleriňize ýokary baha berdi. Bu bolsa jemgyýetçilik hyzmatlarynyň geljeginiň uludygyny aňladýar. Sözümiziň şu ýerinde öňüňizde goýan maksatlaryňyz dogrusynda aýdaýsaňyz?***



— Awazadaky «Rowaç» kottejler toplumynyň açylyşynda hormatly Prezidentimiziň biziň işimiz bilen gyzyklanmagy, «Altyn» toý mekany hojalyk jemgyýetine ýörite Hormat hatynyň gowşurylmagy ýatdan çykmajak waka boldy. Biz halkara derejedäki baýraklara-da ýzygiderli mynasyp bolup gelýäris. Halkara çärelerde biz diňe bir hojalyk jemgyýetimize däl-de, Watanymyza wekilçilik edýäris. Sebäbi myhmana hyzmat etmek medeniýeti ýurduň ösüş derejesini hem görkezýär.

Häzirki wagtda aşpezlerimiz milli tagamlar bilen birlikde, daşary ýurt tagamlaryny bişirmekde-de ussatlyga ýetdiler. Geljekde hyzmatlarymyzyň hilini has-da kämilleşdirmegi, hyzmatlarymyzy ýurdumyzyň welaýatlarynyň merkezlerinde-de hödürlemegi maksat edinýäris we bu ugurda halkymyzdan geljek tekliplere garaşýarys.

***— Toý hyzmatlary üçin hünärmenleri saýlap almak, olary taýýarlamak babatda nähili işleri alyp barýarsyňyz?***

— Häzirki döwürde her bir işde halypa şägirtlik ýoluny dowam etdirmek hem-de dünýä tejribesini öwrenmek möhüm. Biziň ussat aşpezlerimiz daşary ýurtlarda bolup, dünýä tejribesini yzygiderli öwrenýärler. Öwrenen zatlaryny ýaş kärdeşleri bilen paýlaşýarlar.

Her bir hünärmeniň etika, estetika babatda jogapkärli çemeleşmegini talap edýäris. Sebäbi biziň işimizde müşderi diňe bir tagamyň hiline däl-de, daş-töweregiň gözelligine, hyzmatyň hiline-de baha berýär. Eger tagamyň lezzeti, hyzmatyň hili ýokary bolanda müşderi seniň hemişelik müşderiňe öwrülýär. Şonuň üçinem, toý hyzmatlaryna, halka lezzetli tagamlary hödürlemekde nahar taýýarlaýan aşpezden başlap, ony müşderä hödürleýän ofisianta çenli her kimiň öz işine jogapkärçilik we söýgi bilen çemeleşmegi gerek.

***— Şadurdy aga, hyzmatlar ugruna degişli ýörite kitaplar bar. Kitaplaryň işiňizde tutýan orny hakynda aýdyp beräýseňiz?***

— «Kitaplar päkize, rehim-şepagatly özbaşdak bir dünýädir. Biz olaryň arasynda bagtly ýaşap bileris» diýen jümläni ýatlasym gelýär. Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen çap edilen «Bereketli türkmen saçagy» atly 2 jiltlik kitaby biziň işimizde uly gollanmadyr. Türkmen tagamlaryny, içdäaçarlaryny taýýarlamakda kitapda ähli maglumatlar bar. Biz halkara derejesindäki sergilere gatnaşanymyzda «Bereketli türkmen saçagy» kitabyna salgylanyp, milli tagamlary, işdäaçarlary taýýarlaýarys.

***— Şadurdy aga, beren gürrüňleriňiz üçin sag boluň! Geljekde uly üstünlikleri arzuw edýäris!***

— Sizem sag boluň! Türkmen telekeçilerine uly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun. Umumadamzat bähbitli tutýan tutumly işleri rowaç alsyn.

Goý, ata Watanymyzda toýlar toýlara, baýramlar baýramlara ulaşsyn!

**Söhbetdeş bolan Çary ÇARYÝEW,**
Türkmen döwlet medeniýet institutynyň 2-nji ýyl talyby.





**Paýhas — bu akyl bilen ýagşy niýetiň bileleşmegi. Ýagşy niýetsiz akyl mekirlikdir.**
Dmitriý Lihaçew



**Işiň islendigi boş oturmakdan gowudyr.**
Demokrit



**Ýaşamak — zähmet çekmek. Zähmet adamyň durmuşydyr.**
Wolter Skott



**Adam öz ýüregine erkli däl. Söýeni ýa-da ýigreneni üçin hiç kimi günäkärläp bolmaz.**
Jorj Sand



**Baýlygy göterinip bilmeýän adamyň ruhy ejizdir.**
Seneka



**Hiç haçan bitmedik işi görkezme, goý, bitirilen işi görüp lezzet alsynlar.**
Baltasar Grasian

**Adam üçin hakyky hazyna zähmete bolan söýgüdir.**
Ezop

**Höwes bilen çekilýän zähmet ýakymsyz ýatlamalary unutmaga ýardam edýär.**
Uilýam Şekspir

Mahabat


# Glory
# SÖÝGI HEKAÝASY




Ähli gözelligiň özeninde sazlaşyk bar. Tutuş Älem — seresaplyk bilen düzülen sazlaşyklaryň netijesi. Kosmosyň ägirtligi we ene Ýeriň gözelligi özboluşly sazlaşyk netijesinde döräpdir. Eýsem-de sazlaşyk nädip döreýär? Sazlaşygy söýgi döredýär. Iki wodorod bilen bir kislorodyň söýgüsi ýaşaýşyň çeşmesi bolan suwy emele getirýär. Mawy bilen sary reňkiň söýgüsi ýaşyly, erkek bilen zenanyň söýgüsi durmuşy döredýär we şeýdip, Älemi gurşap alan ajaýyplyklar emele gelýär. «Glory» şokoladlarynyň hekaýasy hem durmuşdan üzňe däl. Onuň özeninde sazlaşykly söýgi bar. Ýertudana bilen hozuň, çernika bilen ýogurdyň, süýt bilen gaýmagyň söýgüsi şokolada ýugrulyp, ajaýyp dessan döreýär. Ol dessana «Glory» diýilýär.

**SIZ HEM ÖZ ÝAKYNLARYŇYZA «GLORY» SOWGAT BERIŇ!**
**SÖÝGI HEKAÝASYNY DÖREDIŇ!**

Öndüriji: «Altyn Ýunus» hojalyk jemgyýeti
Salgysy: Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Änew şäheriniň Halklaryň dostlugy köçesiniň 6-njy B jaýy
Telefon belgisi: +993 12 950601


Möçberi 16 sahypa Formaty A3 A-110865 I Indeksi I 69493 I Gazet 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar I Bahasy 2 manat 50 teňňe I 4529 tiraž.

Biznes reklama
Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi

**BAŞ REDAKTOR**
Seýitmyrat GELDIÝEW

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**
Işgärler bölümi: 23-77-93; Buhgalteriýa: 23-77-92;
Mahabat bölümi: 23-77-96; Jogapkär kätip: 23-77-95.

**E.POÇTALAR:** biznes.reklama@list.ru; biznes.reklama.newspaper@gmail.com
**WEB-SAÝTYMYZ:** www.br.com.tm

**BIZIŇ SALGYMYZ:**
Aşgabat şäheriniň Bitarap Türkmenistan şaýolunyň 593-nji jaýy.

BELLIK: Gazet Türkmen döwlet Neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmen döwlet Neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi jogap berýär.